Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.

#42 (325)

suббота, 7 ноября 2026 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА

Международные новости



TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

5-nji noýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň mejlisini geçirdi.

Mejlisde şu ýylyň on aýynda ýurdumyzda alnyp barlan işleriň jemleri jemlenildi.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa şu ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynda Türkmenistanyň Mejlisinde ýerine ýetirilen işler barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow berkarar döwletimiziň hukuk binýadyny berkitmek, şeýle hem ýurdumyzyň kanunçylygyny yzygiderli kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etmegiň möhümdigini belledi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary H.Geldimyradow, G.Agajanow, T.Atahallyýew, B.Annamämmedow, N.Atagulyýew 2026-njy ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, ýerine ýetirilmeli wezipelere ünsi çekdi we wise-premýerlere anyk tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa gözegçilik edýän ulgamynda şu ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ýurdumyzyň medeniýet ulgamynyň işini kämilleşdirmegi dowam etmegiň, medeni mirasymyzy giňden wagyz etmek boýunça işleri alyp barmagyň, şeýle hem taryhy we medeni ýadygärlikleri rejelemek, dikeltmek, gorap saklamak babatda alnyp barylýan işleri döwrebap ýola goýmagyň zerurdygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Mämmedow gözegçilik edýän ulgamlarynda şu ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ýurdumyzyň ylym, bilim, saglygy goraýyş we sport ulgamynyň işini yzygiderli kämilleşdirmegi dowam etmegiň möhümdigine ünsi çekip, bilim işgärleriniň hünär derejesini yzygiderli ýokarlandyrmak, saglygy goraýyş ulgamynyň işini döwrebaplaşdyrmak boýunça işleri dowam etmegi, şeýle hem sporty ösdürmek işini talabalaýyk alyp barmagy wise-premýere tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow şu ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynda ministrlik tarapyndan ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, dünýä döwletleri bilen dost-doganlyk hem-de özara bähbitli gatnaşyklary berkitmegiň ýurdumyzyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup duryandygyny belledi. Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annaýewiň hasabaty diňlenildi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ulag we aragatnaşyk toplumynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleri gözegçilikde saklamagy, ýurdumyzda ýolagçy we ýük dolanyşygyny artdyrmak boýunça geçirilýän zerur işleri, şeýle hem sanly ulgamyň mümkinçiliginden netijeli peýdalanyp, hyzmatlaryň görnüşlerini artdyrmagy dowam etmegi wise-premýere tabşyrdy.

Soňra hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, şu ýylyň on aýynda ýerine ýetirilen işleriň gowy netijeleri görkezendigini, ýurdumyzy ösdürmäge gönükdirilen döwlet maksatnamalarynyň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini kanagatlanma bilen belledi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglygyny, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА АЛЖИРСКОЙ НАРОДНОЙ ДЕМОКРАТИЧЕСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Алжирской Народной Демократической Республики Абдельмаджиду Теббуну по случаю национального праздника – Дня революции.

Пользуясь возможностью, глава Туркменистана выразил Президенту Абдельмаджиду Теббуну пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Алжира – мира, прогресса и процветания.



ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНЯЛ УЧАСТИЕ В САММИТЕ АКАБСКОГО ПРОЦЕССА

6 ноября 2026 года Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов принял участие во встрече глав государств Центральной Азии в рамках Акабского процесса по безопасности в сфере искусственного интеллекта.

Саммита проходил во Дворце Независимости в Астане. Здесь Президента Сердара Бердымухамедова тепло встретили Президент Республики Казахстан Касым-Жомарт Токаев и Король Иорданского Хашимитского Королевства Абдулла II. Затем состоялось совместное памятное фотографирование.

Во встрече на высшем уровне приняли участие Президент Республики Казахстан, Король Иордании, Президент Республики Таджикистан, Президент Туркменистана, Президент Республики Узбекистан, Председатель Милли Меджлиса Азербайджанской Республики, Министр иностранных дел Кыргызской Республики.

На Саммит также были приглашены представители международных организаций, в том числе специализированных учреждений ООН, Европейского Союза, профильных структур СНГ, Шанхайской организации сотрудничества, международные эксперты.

На повестку дня встречи были вынесены вопросы, связанные с обеспечением безопасности в сфере искусственного интеллекта и противодействием киберугрозам. В фокусе – объединение усилий представителей соответствующих структур и экспертов сферы информационных технологий стран Центральной Азии и Ближнего Востока.

Выступая на Саммите, Президент Сердар Бердымухамедов изложил конструктивные инициативы Туркменистана.

Как отметил глава государства, выдвигая эти международно-значимые предложения, Туркменистан исходит из того, что долгосрочная безопасность в мире может и должна быть обеспечена, в первую очередь, посредством активизации превентивной дипломатии, практического использования принципов нейтралитета, восстановления культуры мира, доверия и политического диалога.

Президент Сердар Бердымухамедов также подтвердил твёрдую приверженность Туркменистана сотрудничеству в обеспечении прочной безопасности и стабильности в Центральной Азии и во всём мире, готовность вносить конструктивный вклад в реализацию целей и задач Акабского процесса.

В ходе Саммита состоялся обмен мнениями по актуальным вопросам региональной и международной повестки дня, представляющим взаимный интерес.

Завершив программу рабочего визита в Республику Казахстан, Президент Сердар Бердымухамедов проследовал в Международный аэропорт имени Нурсултана Назарбаева города Астана, откуда отбыл на Родину.



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ IORDANIÝANYŇ PATYŞASY BILEN DUŞUŞYGY

2026-njy ýylyň 6-njy noýabrynda Gazagystan Respublikasyna iş saparynyň çäklerinde Prezident Serdar Berdimuhamedow Iordaniýa Haşimit Patyşalygynyň Patyşasy Abdulla II ibn Al Husseýn bilen duşuşdy.

Söhbetdeşler emeli aň ulgamynda howpsuzlyk boýunça Akaba prosesiniň Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlary derejesindäki duşuşygyň çäklerinde duşuşmaga dörän mümkinçilige kanagatlanma bildirip, Türkmenistanyň hem-de Iordaniýanyň dostlukly gatnaşyklary ösdürmäge we özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmaga uly ähmiýet berýändiklerini bellediler.

Prezident Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň Iordaniýa bilen deňhukukly we özara hormat goýmak esasynda ýola goýlan hyzmatdaşlygy giňeltmäge ygrarlydygyny tassyklap, şu duşuşygyň ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmäge we hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny kesgitlemäge möhüm goşant goşjakdygyna ynam bildirdi.

“Biz Iordaniýa bilen Birleşen Milletler Guramasynyň we beýleki halkara guramalaryň çäklerinde özara gyzyklanma bildirilýän meseleler boýunça hyzmatdaşlygy dowam etdirmäge, şeýle hem parahatçylygy, ynanyşmagy we durnuklylygy pugtalandyrmaga gönükdirilen başlangyçlary goldamaga taýýardyrys” diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy hem-de häzirki wagtda syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurlary boýunça ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin uly mümkinçilikleriň bardygyny belledi.

Döwlet Baştutanymyz şeýle hem häzirki döwürde emeli aň tehnologiýalarynyň çalt depginler bilen ösmegini nazara almak bilen, olaryň howpsuz we jogapkärli ulanylmagyny üpjün etmek meselesiniň halkara gün tertibiniň möhüm ugurlarynyň birine öwrülýändigini belläp, Akaba prosesiniň çäklerinde bu mesele boýunça halkara hyzmatdaşlygy ösdürmegiň we döwletleriň tagallalaryny utgaşdyrmagyň aýratyn ähmiýetini nygtady.

Duşuşygyň dowamynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Patyşa Abdulla II-ni özi üçin islendik amatly wagtda sapar bilen Türkmenistana gelmäge çagyrdy. Iordaniýanyň Patyşasy çakylygy hoşallyk bilen kabul edip, şu günki duşuşygyň döwletara gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmäge itergi berjekdigine ynam bildirdi.

Duşuşygyň ahyrynda Prezident Serdar Berdimuhamedow hem-de Iordaniýa Haşimit Patyşalygynyň Patyşasy Abdulla II ibn Al Husseýn birek-birege berk jan saglyk, alyp barýan jogapkärli döwlet işlerinde uly üstünlikleri, iki ýurduň dostlukly halkyna bolsa mundan beýläk-de abadançylyk arzuw etdiler.

ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНЯЛ МИНИСТРА ИНОСТРАННЫХ ДЕЛ ИСЛАМСКОЙ РЕСПУБЛИКИ ИРАН



2 ноября 2026 года Президент Сердар Бердымухамедов принял министра иностранных дел Исламской Республики Иран Сейеда Аббаса Аракчи, прибывшего в Туркменистан с визитом.

Выразив признательность за возможность личной встречи, гость отметил, что в Иране придают особое значение развитию отношений с соседним Туркменистаном и, пользуясь случаем, передал главе государства и Герою-Аркадагу тёплые слова приветствия от Президента Ирана Масуда Пезешкиана.

Тепло поприветствовав дипломата, Президент Сердар Бердымухамедов адресовал наилучшие пожелания Президенту Исламской Республики Иран, выразив уверенность, что нынешний визит руководителя МИД Исламской Республики Иран будет способствовать дальнейшему расширению и укреплению межгосударственного диалога, основанного на давних традициях дружбы и братства.

В ходе встречи отмечалось, что всестороннее развитие дружественных, взаимоуважительных и доверительных связей со странами мира выступает одним из неизменных приоритетов внешней политики Туркменистана.

Политико-дипломатический диалог между странами, выстраиваемый на основе взаимопонимания и уважения, сегодня успешно развивается как в двустороннем формате, так и в рамках международных организаций.

В этом контексте Президент Сердар Бердымухамедов отметил участие Президента Исламской Республики Иран Масуда Пезешкиана в очередном заседании Совета глав государств СНГ и Каспийском экологическом саммите, прошедших в октябре текущего года в Национальной туристической зоне «Аваза», подчеркнув конструктивный характер встречи, состоявшейся в рамках данного визита.

В свою очередь Сейед Аббас Аракчи отметил высокую значимость проведённых в Авазе масштабных мероприятий, результаты которых стали весомым вкладом в дальнейшее продвижение регионального сотрудничества.

Президент Туркменистана подчеркнул, что Исламская Республика Иран является одним из важных торгово-экономических партнёров Туркменистана, и в настоящее время это взаимодействие эффективно развивается.

Одним из ключевых векторов туркмено-иранского сотрудничества выступает культурно-гуманитарная область.

В завершение встречи Президент Сердар Бердымухамедов и министр иностранных дел Исламской Республики Иран Сейед Аббас Аракчи выразили уверенность в дальнейшем развитии дружественных, добрососедских отношений между двумя братскими государствами по всем направлениям, представляющим взаимный интерес, обменявшись наилучшими пожеланиями.

PRESIDENT OF TURKMENISTAN RECEIVED THE HEAD OF TOYO ENGINEERING CORPORATION



On 3 November 2026, President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov received Eiji Hosoi, President, Chief Executive Officer and Representative Director of Toyo Engineering Corporation, who arrived in Turkmenistan on a working visit.

Expressing his gratitude for the opportunity to meet in person, the guest noted that Japan attaches particular importance to the development of relations with Turkmenistan. As emphasized, it is a great honour for Toyo Engineering Corporation to operate in Turkmenistan.

Welcoming the business executive and noting that, during his current visit to Turkmenistan, the head of the Japanese company would participate in the International Exhibition and Conference "Development of the Construction, Industrial, Chemical and Energy Sectors of Turkmenistan" (CIET 2026), President Serdar Berdimuhamedov wished him every success in his activities and new initiatives aimed at expanding bilateral cooperation.

During the meeting, it was emphasized that relations between Turkmenistan and Japan, founded on the principles of mutual respect and support, are long-term in nature and have a strategic character.

Highlighting the significant contribution of Japanese partners to the realization of the mutual economic potential, the Head of State noted that leading companies from the friendly country have implemented projects in Turkmenistan's gas sector and chemical industry over many years. Fruitful cooperation has also been established with Toyo Engineering Corporation in the oil and gas and chemical sectors. With the company's participation, a major gas chemical complex, including a polymer plant, was constructed and commissioned in Kiyanly.

Once again expressing his gratitude for the favourable conditions created for productive business operations in the Turkmen market, the businessman assured that the company he heads would continue to fulfil its contractual obligations in a responsible manner.

At the conclusion of the meeting, President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov and Eiji Hosoi, President, Chief Executive Officer and Representative Director of Toyo Engineering Corporation, exchanged best wishes.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI AWSTRIÝA RESPUBLIKASYNYŇ FEDERAL GEŇEŞINIŇ BAŞLYGYNY KABUL ETDI



2026-njy ýylyň 3-nji noýabrynda Prezident Serdar Berdimuhamedow Türkmenistana sapar bilen gelen Awstriýa Respublikasynyň Federal Geňeşiniň başlygy hanym Kristina Şwarz-Fuksy kabul etdi.

Myhman duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallygyny beýan edip, Türkmenistan bilen ýola goýlan dostlukly gatnaşyklara Awstriýada möhüm ähmiýet berilýändigini belledi hem-de pursatdan peýdalanyp, Awstriýa Respublikasynyň Federal Prezidenti Aleksandr Wan der Belleniň Türkmenistanyň Prezidentine iberen mähirli salamyny ýetirdi.

Döwlet Baştutanymyz myhmany mähirli mübärekläp, Prezident Aleksandr Wan der Bellene iň gowy arzuwlaryny beýan etdi hemde Awstriýa Respublikasynyň Türkmenistanyň Ýewropa sebitinde öňden gelýän möhüm hyzmatdaşlarynyň biridigini, iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň özara hormat goýmak, dostluk we düşünişmek esasynda yzygiderli ösdürilýändigini belledi.

Nygtalyşy ýaly, iki ýurduň arasyndaky syýasy-diplomatik gatnaşyklar oňyn häsiýete eýe bolup, ýurtlarymyz diňe bir ikitaraplaýyn däl, eýsem, köptaraplaýyn görnüşde, hususan-da, BMG-niň çäklerinde üstünlikli hyzmatdaşlyk alyp barýarlar. Iki ýurduň bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasatynyň köp babatda gabat gelmegi bolsa halkara derejede hereketleri utgaşdyrmak üçin esas bolup hyzmat edýär.

Türkmenistanyň Prezidenti parlament diplomatiýasynyň halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda netijeli gural bolup durýandygyny aýratyn belläp, şunuň bilen baglylykda, türkmen-awstriýa parlamentara hyzmatdaşlygynyň iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklary ösdürmekde möhüm orun eýeleýändigini aýtdy.

“Biz ikitaraplaýyn we halkara gün tertibiniň möhüm meseleleri boýunça parlament diplomatiýasynyň mümkinçiliklerinden giňden peýdalanmagy, kanunçykaryjylyk babatda tejribe alyşmagy maksadalaýyk hasaplaýarys” diýip, döwlet Baştutanymyz sözüni dowam etdi.

Prezident Serdar Berdimuhamedow ikitaraplaýyn söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk barada aýdyp, Awstriýanyň kompaniýalarynyň köp ýyllaryň dowamynda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösüşine aýratyn goşant goşandygyny belledi hem-de iki ýurduň arasynda ulag tehnikalaryny, saglygy goraýyş, himiýa we nebitgaz ulgamlarynda öňdebaryjy enjamlary satyn almakda hyzmatdaşlygyň üstünlikli giňeldilýändigini nygtady.

Şeýle hem ikitaraplaýyn ykdysady mümkinçilikleri doly ulanmakda bilelikdäki türkmen-awstriýa toparynyň ähmiýeti bellenildi.

Medeni-ynsanperwer ulgamdaky hyzmatdaşlyk hem döwletara gatnaşyklary berkitmekde, halklary ýakynlaşdyrmakda we medeniýetleri özara baýlaşdyrmakda möhüm orun eýeleýär.

Döwlet Baştutanymyz ýakynda Awstriýa Respublikasynyň Milli baýramynyň bellenilip geçilendigini aýtdy hem-de mümkinçilikden peýdalanyp, bu şanly sene mynasybetli Kristina Şwarz-Fuksy we ýurduň ähli halkyny ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlady.

Duşuşygyň ahyrynda Prezident Serdar Berdimuhamedow hem-de Awstriýa Respublikasynyň Federal Geňeşiniň başlygy hanym Kristina Şwarz-Fuks birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan edip, netijeli hyzmatdaşlygyň iki ýurduň halklarynyň bähbidine mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY ABŞ-NYŇ DÖWLET SEKRETARYNYŇ GÜNORTA WE MERKEZI AZIÝA BOÝUNÇA KÖMEKÇISI BILEN DUŞUŞDY



2026-njy ýylyň 3-nji noýabrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Döwlet sekretarynyň Günorta we Merkezi Aziýa boýunça kömekçisi Pol Kapur bilen duşuşdy.

Myhman duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin Gahryman Arkadagymyza hoşallygyny beýan edip, ABŞ-nyň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürmäge ähmiýet berýändigini aýtdy hem-de paýtagtymyzyň binagärlik keşbiniň özünde ýakymly täsirleri galdyrandygyny belledi. Şeýle hem Pol Kapur pursatdan peýdalanyp, ABŞ-nyň Prezidenti Donald Trampyň Gahryman Arkadagymyza we döwlet Baştutanymyza iberen mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Gahryman Arkadagymyz myhmany mähirli mübärekläp, Prezident Donald Trampa iň gowy arzuwlaryny beýan etdi hem-de ABŞ-nyň Döwlet sekretarynyň kömekçisiniň ýurdumyza amala aşyrýan saparynyň dowamynda türkmen-amerikan syýasy geňeşmelerine gatnaşjakdygyny belledi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri bu geňeşmeleriň iki ýurduň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmäge itergi berjekdigine ynam bildirip, myhmanyň gepleşikleriniň netijeli we saparynyň üstünlikli geçmegini arzuw etdi.

Gahryman Arkadagymyz syýasy-diplomatik gatnaşyklar barada belläp, soňky ýyllaryň dowamynda iki ýurduň arasynda işjeň syýasy dialogyň alnyp barylýandygyny aýtdy.

Şunuň bilen bir hatarda, iki ýurduň daşary syýasat edaralarynyň arasynda işjeň gatnaşyklar alnyp barylýar.

Söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk hem netijeli ösdürilýär. Ýurdumyzda köp ýyllaryň dowamynda «Nicklaus Design», «John Deere», «Case New Holland» we «Boeing» ýaly amerikan kompaniýalary bilen hyzmatdaşlyk etmegiň oňyn tejribesi toplanyldy.

Şeýle hem iki ýurduň arasynda «Türkmenistan - ABŞ» işewürlik geňeşi hereket edýär we ýakynda Aşgabat şäherinde onuň nobatdaky maslahaty geçirildi.

«Türkmenistan tebigy serişdelere baý ýurtlaryň biri bolmak bilen, energiýa serişdelerini ibermegiň ugurlaryny diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek strategiýasyny durmuşa geçirýär, öndürijileriň, sarp edijileriň we üstaşyr geçirijileriň deň derejede bähbitlerini nazara almak esasynda özara bähbitli hyzmatdaşlygy ilerletmek ugrunda çykyş edýär» diýip, Gahryman Arkadagymyz belledi hem-de energetika babatda sebitde geljegi uly Türkmenistan—Owganystan—Pakistan—Hindistan transmilli gaz geçirijisiniň durmuşa geçirilmegine ABŞ tarapyndan berilýän ünse we goldawa ýurdumyzda ýokary baha berilýändigini nygtady.

Türkmen halkynyň Milli Lideri energetika, ulag-logistika ýaly ugurlarda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin giň mümkinçilikleriň bardygyny belläp, ýurdumyzyň halklarymyzyň ýakynlaşmagyna ýardam berýän medeni-ynsanperwer gatnaşyklaryň ösdürilmegini mundan beýläk-de goldamaga taýýardygyny aýtdy.

Duşuşygyň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow hem-de Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Döwlet sekretarynyň Günorta we Merkezi Aziýa boýunça kömekçisi Pol Kapur Türkmenistan bilen Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň uzak möhletleýin we köpugurly hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge taýýardyklaryny tassyklap, birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

MEETING OF THE MINISTER OF FOREIGN AFFAIRS OF TURKMENISTAN WITH THE DEPUTY CHIEF EXECUTIVE OFFICER OF ORGANIZATION SEFORALL

On 4 November 2026, Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov met with Stefano Marguccio, Deputy Chief Executive Officer of the international organization Sustainable Energy for All (SEforALL).

During the meeting, the sides discussed prospects for developing cooperation between Turkmenistan and SEforALL in the fields of sustainable energy, ensuring energy security and strengthening international energy connectivity.

Particular attention was paid to Turkmenistan's initiative to host the SEforALL Global Forum next year. The significance of this event in expanding international dialogue and advancing the global sustainable energy development agenda was emphasized.



The importance of Turkmenistan's international initiatives aimed at strengthening energy connectivity and expanding practical cooperation in the field of sustainable energy was also highlighted.

At the conclusion of the meeting, the sides expressed their interest in further strengthening cooperation and giving it concrete practical substance.

НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

Yslamabatda türkmen-gazak hyzmatdaşlygyny ösdürmegiň mümkin çilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy

4-nji noýabrda Türkmenistanyň Pakistandaky Ilçihanasynda Türkmenistanyň Pakistandaky Ilçisi Atajan Möwlamow bilen Gazagystanyň Päkistandaky täze bellenen Ilçisi Ýerkin Tukumowyň arasynda duşuşyk geçirildi.

Duşuşygyň başynda Ilçi A.Möwlamow Gazak kärdeşini Pakistandaky Diplomatik Korpusyň we Päkistanyň hökümet edaralarynyň arasyndaky oňyn aragatnaşyklar we netijeli iş hyzmatdaşlyklary barada gürrüň berdi.

Soňra, taraplar Türkmenistan bilen Gazagystanyň arasyndaky däp bolan dostlukly gatnaşyklara ünsi çekip, bu gatnaşyklaryň özara hormat goýmak, ynanyşmak we hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine esaslanýandygyny aýratyn nygtadylar.

Duşuşykda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň dürli ugurlar boýunça yzygiderli ösdürilýändigi bellenilip, söwda-ykdysady, ulag, energetika, medeni-ynsanperwer we beýleki özara gyzyklanma bildirilýän ugurlarda hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin bar bolan mümkinçilikleriň netijeli peýdalanylmagynyň möhümdigi nygtaldy.

Taraplar Türkmenistan bilen Gazagystanyň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmäge, özara bähbitli hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny ýüze çykarmaga we sebit hem-de halkara gün tertibiniň möhüm meseleleri boýunça netijeli dialogy dowam etdirmäge taýýardyklaryny tassykladylar.

* * *

Yslamabatda Türkmenistan bilen Pakistanyň arasynda ýokary bilim ulgamyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmegiň mümkinçiliklerine seredildi

4-nji noýabrda Yslamabat şäherinde Türkmenistanyň Pakistandaky Ilçisi Atajan Möwlamow Pakistanyň Ýokary bilim boýunça komissiýasynyň başlygy, professor, doktor Niaz Ahmad Ahtar bilen duşuşyk geçirdi.

Duşuşykda Türkmenistan bilen Päkistanyň arasynda ýokary bilim ulgamyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmek, ylaýta-da Türkmenistanda urdu dilini öwretmek, okuw maksatnamalaryny kämilleşdirmek we ýokary okuw mekdepleriniň arasyndaky gatnaşyklary giňeltmek bilen bagly meselelere seredildi.

Taraplar bilim, ylym, dini we medeni ugurlardaky hyzmatdaşlygy, akademiki alyş-çalşygy işjeňleşdirmäge hem-de iki ýurduň arasyndaky däp bolan dostlukly gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmaga ygrarlydyklaryny tassykladylar.

Встреча Посла Туркменистана в Японии с парламентским заместителем Министра иностранных дел Японии

05 ноября 2026 года в г.Токио состоялась встреча Чрезвычайного и Полномочного Посла Туркменистана в Японии А.Байрамова с парламентским заместителем Министра иностранных дел Японии г-жой А.Икуиной.

В ходе встречи стороны обсудили актуальные вопросы двустороннего сотрудничества и перспективы дальнейшего укрепления туркмено-японских отношений. Особое внимание было уделено развитию политического диалога, встречи Президента Туркменистана с Премьер-министром Японии, состоявшейся в декабре 2025 года в Токио, а также визита Министра иностранных дел Японии в Туркменистан в августе 2026 года. Была подчеркнута важность последовательного продвижения достигнутых договоренностей и расширения сотрудничества в торгово-экономической, инвестиционной, энергетической, научно-технической и гуманитарной сферах.

Стороны также обменялись мнениями о перспективах взаимодействия в области водородной энергетики, искусственного интеллекта, цифровизации и циркулярной экономики, а также о дальнейшем укреплении межпарламентских, культурных и образовательных связей и сотрудничества в рамках международных организаций. Была подтверждена обоюдная заинтересованность в продолжении конструктивного диалога и развитии взаимовыгодного партнерства между Туркменистаном и Японией.

Материалы подготовлены на основе интернет-источников.